Birleşen Milletler Guramasy ECE/TRANS/WP.30/AC.2/2020/7

# Ykdysady we Sosial Geňeş

Etrap: Umumy
2029-nji ýylyň noýabr aýynyň 28-i
Original: Iňglizçe

## Ýewropa ykdysady iş topary

### 1975-nji ýyldaky HÝoG Konwensiýasynyň dolandyryş komiteti

### Ýedi ýüz ikinji sessiýasy

Ženewa, 2020-nji ýylyň fewral aýynyň “6” senesi
Öňünden gün tertibiniň 5 c) bendi
**Konwensiýa täzeden seretmek**

**Entäk resmi kabul edilmedik Konwensiýa düzedişler boýunça ylalaşylan teklipler**

## Konwensiýanyň esasy tekstine düzedişler boýunça dürli teklipler we 11-nji goşundyny girizmek

**Sekretariatyň ýazgylary**

## I. Maglumat beriji maglumatlar we mandat

1. Özüniň ýetmiş birinji sessiýasynda (2019-njy ýylyň oktýabry) Komitet 2020-nji ýylyň fewralyndaky sessiýada resmi kabul edilmä çenli girizilen düzedişler bilen ECE/TRANS/WP.30/AC.2/2019/9/Rev.2 resminamada saklanýan täze 11-nji goşundy girizilende we HÝoG Konwensiýasynyň esasy bölegine birnäçe düzedişlerini girizmek barada teklipleri ahyrky netijede kabul etdi. Milli derejede çözgütleriň kabul edilme prosesini ýeňletmek maksady bilen Komitet sessiýada bilelikde emele getirlen we kabul edilen formulirowkalary gutarnykly tekst hökmünde berilmeli diýip çözdi. Komitet sekretariatdan sessiýanyň işi barada netileýji dokladyň goşundysyna gutarnykly teksti girizmegi we 2020-nji ýylyň fewralyndaky sessiýada resmi taýdan kabul etmeklige ýardam etmek üçin resmi resminama hökmünde ony çap etmegi haýyş etdi (ECE/TRANS/WP.30/AC.2/145, bent 38).

2. Goşundyda sekretariat HÝoG-nyň Konwensiýasynyň esasy tekstine düzedişler boýunça kabl edilen gutarnykly teksti, hem-de 11-nji täze goşundyny goşup täzeden dikeldýär, goşundyda Komitetiň ýetmiş birinji sessiýasynyň işi barada gutarnykly doklad bardyr (ECE/TRANS/WP.30/AC.2/145, goşundy I seret).

3. Komitete düzedişler boýunça bu goşundylary kabul etmeklik resmi taýdan hödürlenýär.

## Goşundy

### 1. Madda 1, täze bent s)

Madda 1, ç) bentden soňra goşmaly:

s) “eTIR prosedurasy” adalgasy maglumatlaryň elektron çalşygynyň üsti bilen amala aşyrylýan HÝoG prosedurasyny aňladýar, ol HÝoG kitapçasynyň funksional ekwiwalenti bolup hyzmat edýär. HÝoG-nyň Konwensiýasynyň düzgünnamasynda peýdalanylýan eTIr prosedurasynyň aýratynlygynyň ulanylyşy 11-nji goşundyda getirilýär.

## 2. Madda 3 b)

*Bar bolan teksti indikiler bilen çalyşmaly:*

b) gatnamalar 6-njy maddanyň düzgünlrine laýyklykda ygtyýarlyklar berlen birleşikler bilen kepillendirilýär. Olar häzirki Konwensiýanyň 1-nji goşundysynda getirlen nusga laýyk gelýän HÝoG-yň kitapçasyny peýdalanmak bilen amala aşyrylýar ýa-da eTIR prosedura laýyklykda ýerine ýetirilýär.

## 3. Madda 43, birinji setir

“we 7-nji goşundynyň III bölümi” *sözlerini* “7-nji goşundynyň III bölümi we 11-nji goşundynyň II bölümine”*çalyşmaly*.

## 4. Täze madda 58 - kwater

*Madda 58-ter soňra goşmaly*:
<u>*Madda 58-kwater*</u>
<u>Amala aşyrmak boýunça tehniki edara</u>

Amala aşyrmak boýunça tehniki edara döredilýär. Onuň düzümi, funksiýalary we prosedura düzgünleri 11-nji goşundyda beýan edilendir.

## 5. Madda 59, Bent 2, birinji setir

“*Islendik*” sözi “madda 60-bis, islendik göz öňüne tutulan ýagdaýlardan başga” *söze çalyşmaly*.

## 6. Madda 59, Bent 3, birinji setir

“*Madda 60*” sözleri “*maddalar 60 we 60-bis*” çalyşmaly.

## 7. Täze madda 60 - bis

*Madda 60 soňra goşmaly:*

<u>Madda 60 - bis</u>
<u>11-nji goşundynyň we oňa düzedişleriň güýje girmegi üçin ýörite prosedura</u>

1. 59-njy maddanyň 1-ni we 2-nji bentlerine laýyklykda seredilýän 11-nji goşundy, diňe 11-nji goşundynyň özüniň kabul etmezligi barada ýokarda agzalan üç aý döwrüň dowamynda hat üsti bilen Baş sekretary habarly dedn Ylalaşan taraplary hasaba almazdan, Ylalaşylan taraplaryň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary tarapyndan habar berlen senesinden soň on iki aýlyk döwrüň geçmegi bilen üç aýdan soň hemme Ylalaşan taraplar üçin güýje girýär. 11-nji goşundy Ylalaşylan taraplar üçin güýje girýär, olar kabul etmezlik baradaky öz mälim etmelerini bu mälim etmäniň yzyna çagyrylmagy barada habarnamanyň depozitariýesini alan senesinden alty aýdan soň yza çagyrýarlar.

2. 11-nji goşunda islendik telip edilen düzediş Dolandyryş komitet tarapyndan seredilýär. Bu düzedişler 11-nji goşundy bilen bagly Ylalaşýan taraplaryň ses bermelerinde bolan we gatnaşan köpçülik tarapyndan tassyklanýar.

3. Bu maddanyň 2-nji bendine laýyklykda seredilen we tassyklanan 11-nji goşunda düzedişler Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary tarapyndan hemme Ylalaşýan taraplara maglumat üçin ýa-da - 11-nji goşundy bilen bagly Ylalaşýan taraplaryň ýagdaýynda - kabul etme üçin ugradylýar.

4. Bu düzedişleriň güýje girme senesi 11-nji goşundy bilen bagly Ylalaşýan taraplaryň ses bermede bolýanlaryň we gatnaşýanlaryň tassyklama pursadynda kesgitlenýär.

5. 11-nji goşundy bilen bagly Ylalaşýan taraplar bolup durýan bäşden bir ýa-da bäş döwletler, haýsy biriniň kiçiligine baglylykda, olar düzedişlere garşy bolýanlygyny Baş sekretara habar bermeýärler, egerde diňe tassyklama pursadynda kesgitlenen has irki senä çenli bolmasa, bu maddanyň 4-nji bendine laýyklykda düzedişler güýje girýär.

6. Bu maddanyň 2-5-nji bentlerinde beýän edilen proseduralara laýyklykda kabul edilen islendik düzediş güýje girende, 11-nji goşundy bilen bagly hemme Ylalaşýan taraplar üçin, bu düzedişiň degişli bolan hemme öňki düzgünleriň ornuny çalyşýar we ýatyrýar.

## 8. Madda 61, dördinji setir

“we *60*” sözleri “*60 we 60-bis*” çalyşmaly.

## 9. Goşundy 9, bölüm I, bent 3, täze kiçi bent xi)

*Bent 3 kiçi bent x) soňra girizmeli:*

xi) 11-nji goşundy bilen bagly Ylalaşýan taraplar üçin, 11-nji goşundynyň 10-njy maddasynyň 2-nji bendinde beýan edilen ätiýaçlyk prosedurasy ýagdaýynda, doly ygtyýarly edaranyň talap etmegi boýunça HÝoG-nyň gatnamanyň eTIr prosedura laýylykda amala aşyrylýanlygyny hakykatdan kepillendirýänligini tassyklamalydyr we HÝoG-nyň gatnamasyna görä bar bolan başga maglumaty bermelidir.

## 10. Goşundy 11

Goşundy 10 *soňra goşmaly*:

# Goşundy 11

## Goşundy 11eTIR prosedurasy

### Bölüm 1.

#### Madda 1
#### Ulanylýan ugurlary

1. Bu goşundynyň düzgünleri eTIR prosedurasyny amala aşyrmagy sazlaýar, onuň kesgitlenmesi Konwensiýanyň 1-nji maddasynyň s) bendinde saklanýar we 60-bis maddanyň 1-nji bendinde göz öňüne tutulan bu goşundy bilen bagly Ylalaşýan taraplaryň arasyndaky gatnaşyklarda peýdalanylýar.

2. eTIR prosedurasy 11-nji goşundy bilen bagly bolmadyk we ýeke-täk gümrük çäkleri bolan gümrük ýa-da ykdysady birleşigiň agza-döwletleri bolup durýan Ylalaşýan taraplaryň çäklerinde bölekleýin amala aşyrylýan gatnamalar üçin ulanylyp bilinmez.

#### Madda 2

#### Kesgitlemeler

Bu goşundynyň maksatlary üçin:

a) “eTIR halkara ulgamy” adalgasy eTIR prosedurasyna gatnaşýan taraplaryň arasyndaky elektron maglumatlary alyşmak üçin işlenip taýýarlanan maglumat-kommunikasiýa tehnologiki (MKT) ulgamy aňladýar.

b) “eTIR ýöriteleşme (spesifikasiýasy)” adalgasy bu goşundynyň 5-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda kabul edilen we üýtgedilen eTIR proseduranyň konseptual, funsional we tehniki ýöriteleşmesini aňladýar.

c) “HÝoG-nyň deslapky maglumatlary” adalgasy eTIR prosedurasyna HÝoG-nyň kitapçasyny saklaýjynyň ýükleri ýerleşdirmek niýetine baglylykda, eTIR ýöriteleşmene (spesifikasiýasyna) laýylykda ugradýan ýurduň ygtyýarlandyrlan edarasynyň beren maglumatlaryny aňladýar.

d) “Üýtgemeler barada öňünden maglumatlar” adalgasy HÝoG-nyň kitapçasyny saklaýjynyň deklarasiýanyň maglumatlaryny üýtgetmek niýetine baglylykda, eTIR ýöriteleşmene (spesifikasiýasyna) laýylykda ugradýan ýurduň ygtyýarlandyrlan edarasynyň beren maglumatlaryny aňladýar.

e)“Deklarasiýanyň maglumatlary” adalgasy ygtyýarlandyrlan edara tarapyndan kabul edilen HÝoG-nyň öňünden maglumatlaryny we üýtgemeler barada öňünden maglumatlaryny aňladýar.

f)“Deklarasiýa” adalgasy HÝoG-nyň kitapçasyny saklaýjylaryň ýa-da onuň wekiliniň üsti bilen eTIR ýöriteleşmelerine laýyklykda eTIR prosedurasyna ýüki ýerleşdirmeklige öz niýeti barada habar berýär. Ygtyýarlandyrlan edaralaryň deklarasiýasynyň kabul edilen pursadyndan - HÝoG-nyň deslapky maglumatlary esasynda ýa-da üýtgemeler barada deslapky maglumatlar esasynda - we eTIR halkara ulgamyna deklarasiýanyň maglumatlarynyň berimegi esasynda, ol kabul edilen HÝoG-nyň kitapçasynyň ýuridiki ekwiwalentini aňladýar.

g) “Ýan resminamasy” adalgasy eTIR tehniki ýöriteleşmelerinde saklanýan gollanma prinsiplerine laýyklykda deklarasiýa kabul edilenden soň elektron görnüşde gümrük ulgamy tarapyndan döredilen neşir edilen resminamany aňladýar. Ýan resminamasy gidilýan marşrut boýunça hadysany hasaba almak üçin ulanylyp bilner we bu

Konwensiýanyň 25-nji maddasyna laýyklykda, hem-de ätiýaçlyk prosedurasynyň maksatlary üçin teswirnamananyň ornuny çalyşýar.

h)“Autentifikasiýa” adalgasy tassyklanma degişli elektron görnüşde maglumatlaryň gelip çykyşyny we bütewiligini ýa-da fiziki ýa-da ýuridiki taraplaryň elektron identifikasiýasyny üpjün edýän elektron prosesi aňladýar.

Madda 3

eTIR prosedurasyny amala aşyrmak

1. 11-nji goşundy bilen bagly Ylalaşýan taraplar eTIR ýöriteleşmesine laýyklykda eTIR halkara ulgamyna öz gümrük ulgamyny çatýarlar.

2. Her Ylalaşýan tarap özi üçin senäni kesgitlemek mümkinçiligine eýedir, oňa çenli ol öz gümrük ulgamlaryny eTIR halkara ulgamyna çatýar. Çatylma senesi 11-nji goşundy bilen bagly hemme başga Ylalşýan taraplara hakyky çatylma senesine çenli bolmanda alty aýdan köp wagt içinde habar berilýär.

Madda 4

Amala aşyrmak boýunça Tehniki edaranyň düzümi, funksiýasy we prosedura düzgünleri

1. Amala aşyrmak boýunça Tehniki edaranyň agzalary 11-nji goşundy bilen bagly Ylalaşýan taraplar bolup durýar. Onuň sessiýasy eTIR ýöriteleşmesiniň ýerine ýetirilişini üpjün etmekde zerurlyga baglylykda yzygider esasda ýa-da Dolandyryş komitetiň haýyşy boýunça çagyrylýar. Dolandyryş komitete Amala aşyrmak boýunça tehniki edaranyň işi we düşünişi barada maglumat yzygider berilýär.

2. 60-Bis maddanyň 1-nji bendinde göz öňüne tutulyşy ýaly 11-nji goşundyny kabul etmedik Ylalaşýan taraplar we halkara guramalaryň wekilleri synçy (gözegi) hökmünde amala aşyrmak boýunça Tehniki edaranyň sessiýalaryna gatnaşyp bilerler.

3. Amala aşyrmak boýunça tehniki edara eTIR prosedurasyny amala aşyrylyşynyň tehniki we funksional aspektlerini monitoring etmek bilen iş salyşýar, hem-de onuň ygtyýaryna girýän soraglar boýunça maglumatlary alyşmalygy koordinirleýär we onuň ösüşine goldaw berýär.

4. Amala aşyrmak boýunça tehniki edara özüniň birinji sessiýasynda özüniň prosedura düzgünini tassyklaýar we 11-nji goşundynyň düzgünleri bilen bagly Ylalaşýan taraplaryň makullmagy üçin olary Dolandyryş komitete berýär.

Madda 5

eTIR ýöriteleşmesini kabul etmek we üýtgetme tertibi

Amala aşyrmak boýunça tehniki edara:

a) eTIR prosedurasynyň funksional ýöriteleşmesine laýyk gelmesini üpjün etmek üçin eTIR prosedurasynyň tehniki ýöriteleşmesini we olara edilýän düzedişleri kabul edýär. Olaryň kabul edilen pursadynda, ol olary amala aşyrmak üçin degişli geçiş döwri barada çözgüdi girizýär;

b) eTIR prosedurasynyň konseptual ýöriteleşmesine laýyk gelmesini üpjün etmek üçin eTIR prosedurasynyň funksional ýöriteleşmesini we olara edilýän düzedişleri taýýarlaýar. Olar 11-nji goşundy bilen bagly Ylalaşýan taraplaryň ses bermesinde bolýanlaryň we gatnaşýanlaryň köpliginiň kabul etmesi üçin Dolandyryş komitete täzeden ugradylýar, hem-de ornaşdyryrlýar we zerur bolanda kabul edilme wagtynda kesgitleniljek senesiniň ýagdaýy boýunça tehniki ýöriteleşmä özgerdilýär;

c) Dolandyryş komitetiň tabşyrmagy boýunça eTIR prosedurasynyň konseptual ýöriteleşmesine düzedişlere seredýär. eTIR prosedurasynyň konseptual ýöriteleşmeleri we olara degişli düzedişler 11-nji goşundy bilen bagly Ylalaşýan taraplaryň ses bermesinde bolýanlaryň we gatnaşýanlaryň köplügi tarapyndan kabul edilýär, hem-de ornaşdyryrlýar we zerur bolanda kabul edilme wagtynda kesgitleniljek senesiniň ýagdaýy boýunça funksional ýöriteleşmä özgerdilýär.

Madda 6

HÝoG-nyň deskapky maglumatlaryny we üýtgemeler barada deslapky maglumatlary bermek

1. HÝoG-nyň deslapky maglumatlary we üýtgemeler barada deslapky maglumatlar HÝoG-nyň kitapçasyny saklaýjy ýa-da onuň wekilleri tarapyndan ugradylýan ýurdunyň ygtyýarlandyrlan edaralaryna we bu deklarasiýanyň üýtgemesi soralýan ýurduna ugradylýar. Deklarasiýa ýa-da üýtgemeler milli kanunçylyga laýyklygy barlanyp kabul edilenden soň, ygtyýarlandyrlan edaralar bu deklarasiýalary ýa-da olaryň üýtgemelerini eTIR-iň halkara ulgamyna ugradýarlar.

2. 1-nji bentde ýatlanyp geçilen HÝoG-nyň deslapky maglumatlary we üýtgemeler barada deslapky maglumatlar ýa gönüden göni ygtyýarlandyrlan edaralara ýa-da eIR halkara ulgamynyň üsti bilen ugradylyp bilner.

3. 11-nji goşundy bilen bagly Ylalaşýan taraplar eTIR halkara ulgamynyň üsti bilen HÝoG-nyň deskapky maglumatlaryny we üýtgemeler barada deslapky maglumatlary bermekligi ykrar edýär.

4. Ygtyýarlandyrlan edaralar HÝoG-nyň deslapky maglumatlary we üýtgemeler barada deslapky maglumatlary berip boljak hemme elektron serişdeleriň sanawyny ýazýarlar.

Madda 7

Saklaýjynyň autentifikasiýasy

1. Ugradylma ýurdunda deklarasiýa ýa-da ugradylma marşrudy (ugry) boýunça islendik ýurtda deklarasiýanyň maglumatlaryna üýtgemeler kabul edilende, ygtyýarlandyrlan edaralar milli kanunçylyga laýyklykda HÝoG-nyň deslapky maglumatlary we üýtgemeler barada deslapky maglumatlary we HÝoG-nyň kitapçasyny saklaýjyny autentifisirleýärler.

2. 11-nji goşundy bilen bagly Ylalaşýan taraplar eTIR-iň halkara ulgamy bilen amala aşyrylýan HÝoG-nyň kitapçasyny saklaýjynyň autentifisirlenmesini ykrar edýärler.

3. Ygtyýarlandyrlan edaralar bu maddanyň 2-nji bendinde görkezilenlerden başga-da, autentifisirleme üçin ulanyp boljak autentifisirleme mehanizmleriniň sanawyny çap edýärler (ýazýarlar).

4. 11-nji goşundy bilen bagly Ylalaşýan taraplar HÝoG-nyň kitapçasynyň ýuridiki ekwiwalenti hökmünde ykrar edilen eTIR halkara ulgamynyň üsti bilen ugradylýan ýurduň we bu deklerasiýa üýtgetme girizmegi soran ýurtlaryň ygtyýarlandyrlan edaralaryndan alnan deklarasiýa maglumatlaryny ykrar edýärler.

Madda 8

Saklaýjynyň autentifikasiýasyny özara ykrar etme

Deklarasiýany we deklarasiýanyň maglumatlaryna girizilen üýtgemeleri kabul edýän 11-nji goşundy bilen bagly Ylalaşýan taraplaryň ygtyýarlandyrlan edaralary tarapyndan ýerine ýetirlen saklaýjynyň autentifikasiýasy HÝoG-nyň hemme gatnamalarynyň prosesinde 11-nji goşundy bilen bagly hemme indiki Ylalaşýan taraplaryň ygtyýarlandyrlan edaralary tarapyndan ykrar edilýär.

Madda 9

Goşmaça maglumatlara zerurlyklar

1. Funsional we tehniki ýöriteleşmelerde görkezilen maglumatlara goşmaça, ygtyýarlandyrlan edaralar milli kanunçylykda göz öňüne tutulan goşmaça maglumatlaryň berilmegini talap edip bilerler.

2. Ygtyýarlandyrlan edaralar mümkin boldugyndan funksional we tehniki ýöriteleşmede görkezilen maglumatlar bilen talap edilýän maglumatlary çäklendirmeli we bu goşunda laýyklyda amala aşyrylýan HÝoG gatnamalary üçin päsgelçili döretmez ýaly goşmaça maglumatlary bermegi ýeňilleşdirme çärelerini kabul etmeli.

Madda 10

Ätiýaçlyk prosedurasy

1. Egerde eTIR prosedurasyny ugradylýan ýeriň gümrüginde tehniki sebäpler boýunça başlamak mümkin bolmadyk ýagdaýynda, HÝoG kitapçasyny saklaýjy HÝoG prosedurasyna dolanyp biler.

2. Egerde eTIR prosedurasy başlan, ýöne tehniki sebäpler boýunça dowam etmek kynlaşan ýagdaýynda, ygtyýarlandyrlan edaralar funksional we tehniki ýöriteleşmelerde göz öňüne tutulyşy ýaly alternatiw elektron ulgamlaryndan goşmaça maglumatlar bar bolanda, eTIR ýöriteleşmelerde görkezilen prosedura laýyklykda ýan resminamasyny kabul edýär we işleýär.

3. Ylalaşýan taraplaryň ygtyýarlandyrlan edaralary milli kepillendirme birleşiklerinden HÝoG-nyň gatnamasy eTIR prosedurasyna laýyklykda amala aşyrylýanlygyny hakykatdan kepillendirmegi tassyklamagy, hem-de HÝoG-y gatnamaga gatnaşygy bolan başga maglumaty bermegi talap etmäge hukugy bardyr.

4. 3-nji bentde beýän edilen tertip 9-njy goşundynyň 1-nji böleminiň 1 d) bendinde göz öňüne tutulyşy ýaly,

ygtyýarlandyrlan edara bilen milli kepillendirme birleşigi arasyndaky ylalaşykda kesgitlenilýär.

Madda 11

eTIR halkara ulgamynyň hostingi

1. eTIR halkara ulgamynyň hostingi we ony dolandyryş dolandyrma Birleşen Milletler Guramasynyň Ýewropa ykdysady iş toparynyň (ÝYIT) egidasy bilen üpjün edilýär.

2. ÝYIT ýurtlara eTIR halkara ulgamyna olaryň gümrük ulgamlaryny çatmaklyga, şol sanda operatiw çatmakdan (birleşdirmekden) öňünçä olaryň degişli funksionirlenmesini üpjün etmek üçin laýyklygyny barlamagy geçirmek arkaly kömek berýär.

3. ÝYIT-e bu maddanyň 1-nji we 2-nji bentlerinde göz öňüne tutulan borçnamalary ýerine ýetirmek üçin zerur bolan resurslar berilýär. Egerde eTIR halkara ulgamy Birleşen Milletler Guramasynyň yzygider býudžetiniň serişdelerinden maliýeleşdirilmeýän bolsa, onda resurslara bolan zerurlyklar Birleşen Milletler Guramasynyň maliýe düzgünlerine we taslamalar we býudžetden daşary serişdeler üçin düzgünnamalaryna laýyklykda üsti goldurulýar. Dolandyryş komitet ÝYIT-äki eTIR halkara ulgamyny maliýeleşdirmegi üpjün etmek üçin maliýeleşdirme mehanizmini kesgitleýär we tassyklaýar.

Madda 12

eTIR halkara ulgamyny dolandyryş dolandyrma

1. ÝYIT azyndan 10 ýylyň dowamynda eTYR halkara ulgamynda maglumatlary saklama we arhiwirleme üçin degişli çäreleri görýär.
2. eTIR halkara ulgamynda saklanýan hemme maglumatlar agregirlenen statistiki maglumatlary almak maksady bilen bu Konwensiýanyň ygtyýarlandyrlan edaralarynyň adyndan ÝYIT-i ulanyp bilerler.

3. Gönüden göni jogap tarapyň ýa-da gönüden göni jgapkär taraplaryň ýa-da milli kepillendirme birleşikleriň töleg biorçnamalary bilen bag;y dolandyryş ýa-da kazyýet çözlüşmeleri bolup durýan eTIR prosedurasyna laýyklykda çäklerinde gatnamagy amala aşyrýan Ylalaşýan taraplaryň ygtyýarlandyrlan edaralary eTIR halkara ulgamynda saklanýan we barlamak maksady bilen jedeliň predmeti bolup durýan töleg barada talap etmelere gatnaşygy bolan maglumaty almak barada ÝYIT-e ýüz tutup bilerler. Bu maglumat milli dolandyryş ýa-da kazyýet çözlüşmelerinde subutnama hökmünde ulanylyp bilner.

4. Bu maddada görkezilenlere degişli bolmadyk ýagdaýynda, eTIR halkara ulgamynda saklanýan maglumaty ýaýratmak ýa-da ygtyýarlandyrylmadyk taraplara ýa-da guramalara gadagan edilýär.

Madda 13

eTIR gatnamalaryny işläp biljekk gümrükleriň sanawyny çap etmek

Ygtyýarlandyrlan edaralar HÝoG-nyň Ýerine ýetiriji geňeşi tarapyndan döredilen we ýöredilýän ygtyýarlandyrlan gümrükler barada maglumatlaryň elektron bazasyna girizilen eTIR prosedura laýyklykda HÝoG-nyň operasiýalaryny ýerine ýetirmeklige goýberlen ugradylma ýerindäki gümrükleriň, aralykdaky gümrükleriň we barmaly ýerindäki gümrükleriň sanawyny yzygider barlamagy we täzeläp durmagy üpjün edýär.

Madda 14

HÝoG-nyň Onwensiýasynyň 10-njy goşundysyna laýyklykda maglumatlary bermeklige hukuk talaplary

Bu Konwensiýanyň 10-njy goşundysynyň 1, 3 we 4-nji benlerinde beýan edilen maglumatlary bermeklige hukuk talaplary eTIR prosedurasyny amala aşyrmak şertinde ýerine ýetirlen hasap edilýär.

## II Bölüm.

11-nji goşundynyň 2 h) maddasyna düşündiriş ýazgysy

| | | |
|---|---|---|
| 11.2 | h)-1 | eTIR ýöriteleşmelerinde beýan edilen ylalaşylan çemeleşmäniň<br>esgitlenme wagtyna çenli, 11-nji goşundy bilen bagly Ylalaşýan taraplar, hususanda peýdalanyjynyň ady/paroly ýa-da elektron gollaryny içine almak bilen olaryň milli kanunçylygynda göz öňüne tutulan islendik prosesiň kömegi bilen HÝoG-nyň kitapçasyny saklaýjyny autenrifisirläp bilerler. |
| 11.2. h)-2 | | eTIR halkara ulgamynyň we ygtyýarlandyrlan edaralaryň alyp-berişýän maglumatlarynyň bütewiligi, hem-de maglumat-kommunikasiýa tehnologiki (MKT) ulgamlarynyň |

autentifisirlenmesi eTIR-iň tehniki ýöriteleşmesinde kesgitlenişi ýaly howpsuz birikmeleriň üsti bilen amala aşyrylar.

11-nji goşundynyň 3-nji maddasynyň 2-nji bendine düşündiriş ýazgysy

11.3.2 11-nji goşundy güýje girenden 11-nji goşundy bilen bagly Ylalaşýan taraplara özleriniň milli gümrük ulgamlaryny özgertmek we eTIR halkara ulgamy bilen onuň arasynda aragatnaşygy goýmak maslahat berilýär. Gümrük ýa-da ykdysady birleşmeler has giçki senäni belläp bilerler, bu olara hemme öz agza-döwletleriniň milli gümrük ulgamlaryny eTIR halkara ulgamyna çatmaga wagt berer.

11-nji goşundynyň 6-njy maddasynyň 3-nji bendine düşündiriş ýazgysy

11.6.3 11-nji goşundy bilen bagly Ylalaşýan taraplara funksional we tehniki ýöriteleşmelerde görkezilen usullaryň ömegi bilen HÝoG-nyň deskapky maglumatlaryny we üýtgemeler barada deslapky maglumatlary bermek mümkinçiliginiň nähili derejede ýerine ýetirerlikdigini aýtmak (boýun almak) maslahat berilýär.

11-nji goşundynyň 7-nji maddasynyň 2-nji bendine düşündiriş ýazgysy

11.7.2 eTIR ýöriteleşmelerinde beýan edilen serişdleriň kömegi bilen eTIR halkara ulgamy HÝoG-nyň deslapky maglumatlarynyň we üýtgemeler barada deslapky maglumatlarynyň bütewiligini we maglumatlaryň HÝoG-nyň kitapça saklaýjysyna gönükdirilmegini üpjün edýär.

11-nji goşundynyň 7-nji maddasynyň 4-nji bendine düşündiriş ýazgysy

11.7.4 eTIR ýöriteleşmelerinde beýan edilen serişdleriň kömegi bilen eTIR halkara ulgamy deklarasiýa maglumatlarynyň bütewiligini we maglumatlaryň gatnama gatnaşýan ýurtlaryň ygtyýarlandyrlan edaralaryna ugrukdyrylmagyny üpjün edýär.

11-nji goşundynyň 8-nji maddasyna düşündiriş ýazgysy

11.8 eTIR ýöriteleşmelerinde beýan edilen serişdleriň kömegi bilen eTIR halkara ulgamy ygtyýarlandyrlan edaralardan alnan we ygtyýarlandyrlan edaralara berlen, deklarasiýany kabul edýän ygtyýarlandyrlan edaralar tarapyndan autentifisirlenen HÝoG-nyň kitapça saklaýjysyna salgylanmany girizmek arkaly deklarasiýanyň maglumatlarynyň bütewiligini üpjün edýär.

11-nji goşundynyň 11-nji maddasynyň 3-nji bendine düşündiriş ýazgysy

11.11.3 Zerur bolanda Ylalaşýan taraplar HÝoG-nyň gatnamasyna ýygym esasynda eTIR halkara ulgamyny ulanmaklyga çykdaýjylary maliýeleşdirmeklige çözgüt kabul edip bilerler. Bu hili ýagdaýlarda, Ylalaşýan taraplar alternatiw maliýeleşdirme mehanizmlerini ornaşdyrmak üçin zerur bolan degişli wagty we olary ulanmagyň şertleri barada çözgüdi kabul edýärler. Talap edilýän býudžet YÝIT tarapyndan kesgitlenýär, amala aşyrmak boýunça Tehniki edara tarapyndan seredilýär we Dolandyryş komitet tarapyndan tassyklanýar.